# Ýürekden çykan setirler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýürekden çykan setirler ÝÜREKDEN ÇYKAN SETIRLER

Ýürekden çykan söz ýürege barar,
Şu gün ýykylanlar iru-giç galar.
Baharyň başynda açylan güller,
Güýziň ahyrynda saralar solar.

Hak aşyklar bir-birige sataşar.
Dostlaryňyz hemaýata ýetişer.
Jebir-jepa, kynlyk bilen bolsa-da,
Agyr günler duşuňyzdan geçişer.

Ejedir, dünýäde mukaddes adam,
Ejäniň yzyndan ezizdir kakaň.
Şu iki adamyň patasy bilen,
Biribar, ömriňe döreder ýardam.

Adam juwan wagty sadadyr, sada,
Şoň üçin ýalňyşyp, ýykylýar käte.
Ýalňyşyp-ýalňyşyp, ejiz adamdan,
Ýa-ha güýçli, ýa-da döreýär nadan.

***

Sanalgydyr goja durmuş,
Pese düşme, beýge dyrmyş!
Ynamyň özüňde bolsun,
Bolsun ýürek beýnä syrdaş.

***

Mydam hasyl bolmaz uly arzuwlar,
Kä durup, kä yza gaýdany bolar.
Özüm «uly» diýip, uly gürleme,
Biziňki däl, Allaň aýdany bolar.

Mährijemal NOWRUZOWA,
TDMI-nyñ talyby. Goşgular